# Dowzahda günälilere Rihannanyñ aýdymy diñledilýär…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dowzahda günälilere Rihannanyñ aýdymy diñledilýär… DOWZAHY GÖRÜP GELENDIGINI AÝDÝAN MONAH: **GÜNÄLILERE EJIR ÇEKDIRMEK ÜÇIN RIHANNANYÑ AÝDYMY DIÑLEDILÝÄR**




*Jerald Jonson 2016-njy ýylda ölüp-direlendigini aýdýar.*
*Iñ soñky albomyny 2016-njy ýylda çykaran Rihanna şu ýyl ýene täze aýdymlary bilen muşdaklaryny begendirmäge taýýarlanýar (Amazon Studios).*
2016-njy ýylda ölüp-direlendigini aýdýan ABŞ-ly monah dowzahda şeýtanlaryñ günälilere Rihannanyñ aýdymlary bilen jebir çekdirýändikleri öñe sürdi.
ABŞ-nyñ Miçigan ştatynda ýaşaýan monah Jerald Jonson 2016-njy ýylda infark geçirip, ölendigini we dowzaha gidendigini, kän wagt geçmänkä-de dolanyp gelendigini aýdýar.
Dowzahda berilýän ejirleri gözi bilen görendigini öñe sürýän monah «gören zatlaryny» TikTok-da gürrüñ berdi.
Jonson seslenme döreden wideoýazgysynda «Ruhum bedenimden aýrylypdy. Ýokaryk uçup giderin öýdýärdim, çünki dünýäde eden ýagşy işlerim kändi, uçursyz kän adama ýagşylyk edipdim» diýdi.
Pikir edişiniñ tersine dowzaha gidendigini aýdan Jonson ol

ýeriñ ýer togalagynynyñ iñ düýbündedigini öñe sürdi we şeýle gürrüñ berdi:
– Munuñ iñ ganym duşmanymyñam başyna düşmegini islämok. Dört aýakly it ýaly ýöreýän we boýdan-başa ýanar oduñ içindäki bir adamy gördüm. Gözleri dagy hanasyndan çykyp ýatyrdy…
Jonson şeýtanlaryñ ol adamyñ boýnuna zynjyr dakyp, eýläk-beýläk südenekledip ýörendiklerini aýdýar.

*@geraldajohnson1 My experience when I saw hell in February 2016. I’ll never be the same after that. #hell #jesus #unforgiveness #forgive #godsaid #encouragement #geraldajohnson #jesuslovesyou #moveforward original sound – Gerald Johnson*




*Jerald Jonson*

Wideoýazgynyñ dowamynda monah şeýtanlaryñ günäkärlere meşhur

pop ýyldyzy Rihanannyñ repçi Jaý-Z bilen aýdyşan «Umbrella» aýdymyny we Bobbi Makkerriniñ klaasyklaşan aýdymy «Don’t Worry Be Happy»-ni aýdyp, jebir çekdirýändiklerini gürrüñ berdi:
– Şeýtanlar dünýäde diñleýän aýdymlarymyzy günäkärlere aýdyp, olara jebir çekdirýärdiler. Aýdym-sazy Hudaýa ybadat etmek üçin ulanman, şolar ýaly aýdymlar bilen şeýtana çokunmagy saýlap alandyklary üçin jebir-jepalara duçar bolýardylar.
Jonson bulary görenden soñ dowzahdan göterilip, durmuşa gaýdyp gelendigini öñe sürýär.




Miçiganly ruhany 2016-njy ýyldan bäri «dowzahdaky gören zatlaryny» gürrüñ berýändigi bilen köp göze ilýär. Bulary paýlaşmak üçin soñky wagtlar sosial mediýa ýüzlenen Jonsonyñ TikTok-da 76 müñden gowrak janköýeri (podpisçigi) bar.
# Entertainment Weekly, NME

Taýýarlan: Aýlin ŞENER.

Şenbe, 08.01.2023 ý. Geň-taňsy wakalar